# Türkmençilik: Dogruçyllyk

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkmençilik: Dogruçyllyk DOGRUÇYLLYK

Türkmençilige häsiýet diý, türkmeniň özüni alyp baryş normalaryna dalaş edýän kada diý, näme diýseň hem, ol döwrüň emrine dahylsyz, üýtgewsiz duran gudrat-a däldir? Ýok, döwür diňe ölenlere täsirini ýetirip bilenok, diriler onuň emrine bagly.
Eýseş, geçmişde dogry söz, dogruçyllyk türkmeniň bezegi bolmanmy! Mysal gerekmi, baş üstüne! Özem türkmeniň arasyna keseden gelenleriň galdyran ýazgylaryndan mysal. Alamana gidip, gul getirip, Buharanyň bazarynda satyp oturan türkmen bilen Wamberi gürrüňdeş bolýar. Wamberi oňa: dinibir doganlaryňy gul bazarynda satmaga neneň ynsabyň çatýar, pygamber her bir musulman azatdyr, erkindir diýmänmidi näme diýýär. Türkmen oňa darykman jogap gaýtarýar: Gurhany kerim kelamulla, onuň gymmaty bendesinden zyýat. Eýsem-de bolsa, şony-da pula satyp ýörler-ä!
Türkmen ýüregindäkini açyk aýdypdyr. Onuň etmişini ýazgaryp-da, näletläp-de bolar, ýöne dogruçyllygyna hormat goýasyň gelýär.
Ýene bir mysal. Rus patyşasynyň häkimligi döwründe, Tejen uýezdiniň naçalnigi Mihaýlow: türkmen daýhanlaryndan galla satyn alnanda olaryň aýdanyna şübhesiz ynanaýmalydyr diýýär. Eger çuwalda pylança put däne bar diýen bolsa, çekip görseň aýdany dogry çykar, ýa-da ýarym put çemesi artykdyr, kem geljek gümany ýokdur. Dänäni ýanlarynda çekip alsaň halamaz ekenler, ynanmazlyk edilýän ýaly görüpdirler.
Ine, kolonial häkimiýetiň wekiliniň beren bahasy!
Indi on dokuzynjy asyrdan ýigriminji asyra geçeliň.
Sowetler döwrüniň ýetmişinji, segseninji ýyllaryna häsiýetli il arasyna ýaýran gürrüňlerden: “Kompartiýanyň raýon komitetiniň birinji sekretary kolhoz başlyklaryna süýt plany boýunça borçnama aldyrýar. Bir başlyk her sygyrdan tonna ýarym

süýt berjegini aýdýar. Sekretar ony münberden goýberenok, bu diýeniň az, gal entek diýip gyssaýar.
– Iki tonna ýetireris.
– Ýok, entegem gal ýokary.
– Iki ýarym tonna.
– Üç tonna diý.
Başlyk zarynlaýar:
– Ýoldaş sekretar, onda arassaja suw geçiräýmeli bolarys”.
Türkmeniň özbaşdak, garaşsyz döwletiniň dördünji ýylyndan bir mysal. 1995-nji ýylda Türkmenistanyň ilatyny öz öndürýän gallasy bilen çörekli etmek meselesi goýuldy. Welaýat häkimleri bu wezipäniň hötdesinden ýeserlik bilen geljekdikleri barada prezidentiň öňünde kasam edip, söz berdiler. Galla möwsümi gutardy, olaryň wadasy ýalan bolup çykdy. Iň ýamanam, olar galplyk bilen ýok dänäni kagyz ýüzünde bar etmegiň ýoluna düşdüler. Diňe Mary welaýatynda üsti açylan galp sanyň mukdary 200 müň tonna ýetýär.
Bu nähili beýle bolýar? Düýn sowet imperiýasynyň merkezi Moskwany aldan emeldarlar bu gün öz garaşsyzlyk berlen milli döwletini aldamaga ýüz urdular. Bary-ýogy bir asyr ozal dogruçyllyga din-ymmaty ýaly sarpa goýan türkmen nä derde uçrady? Muňa düşündiriş bolup bilermi? Elbetde!
Geçmişden alalyň. Geçmiş diýilse, juda aňry gidip ýörmegiň derkary ýok, geçen asyrda-da türkmenler tire-taýpa düzgüninde ýaşapdylar. Maşgala, maşgaladan soňra tire. Maşgalanyň abraýy tiräniň abraýy, tiräniň abraýy taýpanyň abraýy. Maşgalada elegrilik edilse, ol örän çalt aýan bolýar. Şahyr: «Bir menzile gitmez oba ogrusy» diýýär. Ganybir tireleriň kowçumyndan oba emele gelýär. Ýalan söz-de edil ogurlyk eden ýaly görlüpdir, bada-bat onuň yzyndan ýetilipdir. Ýalanyň, galplygyň zyýany maşgala, tirä ýetýär, dogan-garyndaşa ýetýär. Etmişli adam her ädimde olar bilen ýüzbe-ýüz bolup dur, olar bilen toýuny-ýasyny geçirýär, goňşyokara bolup otyr. Onuň maşgalasynyň mertebesi olaryň goldawyna mätäç. Ýalan söz ony şol goldawdan mahrum eder, şu ýagdaýda ol obany terk edip gitmeli bolar, bu eýýäm ilden çykmagy aňladýar. Oňa taňrygargan diýerler. Türkmen üçin bi ölume barabar jeza

bolupdyr. Syýasy gurluş näçe ýöntem bolsa, onuň agy-garasy şonça-da gözilginç bolýar. Döwlet gurluşy tire-taýpa ýöntemliginden has ýokarda duran sistema, ol çylşyrymly, ony seljermek her kime başardaýanok. Döwletiň öz gerimine kybapdaş syýasaty, ideologiýasy bar. Bu ýerde bir adamyň ýalan sözi tiredäki ýaly bildiribem duranok. Eýýäm adam ýalan sözüň jogapkärligini howp hökmünde duýmaýar. Döwlet syýasaty, ideologiýa özüne peýdalydyr öýden mahaly onuň ýalan sözüni goldabam biler. Ýekelikde aýdylan ýalana galplyk diýilýär, eger ol döwlet möçberinde alnyp barylýan bolsa, oňa syýasat diýýärler.
Sowet Soýuzynda ideologiýa bähbitdir öýden ýerinde ýalana, galplyga aňsatlyk bilen gol ýapdy. Bu syýasat soňra kement bolup, döwletiň öz boýnundan ildi. Döwlet planlarynyň ýerine ýetirilmejegini bilen halatlarynda emeldarlar galp dokumentler düzüp, halky, döwleti aldaýardylar. Adam ýalan söze öwrenişýär. Maşgala dolulygy bilen döwlete garaşly bolany üçin syýasatdan gaýdýan ýalançylyk maşgalada-da geň görülmeýär. Ýalan söz, galplyk bilen gazanylýan haram rysgaldan ýüz öwürmek endigi ýitýär. Bu ýagdaý maşgalanyň abraýyny ahlak päklige garaşlylykdan dyndarýar, maşgala agzalaryny şahsyýet hökmünde ýoga çykarýar.
Türkmenler geçmişde şahsyýet derejesine göterlen adamlara ÄR diýipdirler. ÄRLIGIŇ wezipä, mal-mülke, baýlyga dahyly ýok. ÄR häsiýeti oglanlykda mynasyp at gazanmakdan başlanýan ekeni. Muňa «Gorkut atadan» mysal getiripdik.
Ýaňy-ýakynlaram ojak gazyp bilmeýän ýigide gyz berip bolmaz diýilýärdi. Ojak maşgalanyň simwoly. Türkmenler ogluna gelin alyp bermegi «öýlendirmek» diýip atlandyrýarlar, ýagny, öý edip bermek. Ene-ata gelin alyp beren ogly bilen uzak bile ýaşamaýar, öý dikip, ojagyny aýralaýar: goý, ýaş ýigit maşgalanyň keşigini özi çeksin. Maşgala aladasy “öý eýesi” diýen borja çaltrak imrigmegi üçin gerek. Öz maşgalasynyň keşigini çekip bilýän adam döwlet ähmiýetli meseleleriň çözgüdine gatnaşmaga ukyply bolýar. Maşgalasyny oňarman, iliň ykbalyny çözmäge dyzaýan adama: öz öýüni oňarmaýandan nämä garaşjak diýilýar.

Gadym zamanlardan bäri Gündogarda adamy çagalykdan ýaraga, at münmäge türgenleşdiripdirler, dogry söze sarpa goýmagy öwredipdirler. Är ýigitler diňe edermenligi bilen däl, dogruçyllygy bilen hem parhlanypdyrlar. Göroglynyň güýçlüligi ägirt Bezirgeni öldürenliginde diýmän, aldawa gidip, bigünäniň ganyna galandygyna göz ýetirende onuň uýasy Aýsoltanyň öňünde ýazyklydygyny, gabahat etmişine derek ölume mynasypdygyny mertlerçe boýun almagynda diýmeli. Bir özbegi gepledýärer: «Wah, türkmeniň soňky akyly mende bolsady?» diýenmiş. Göroglynyň ökünji hem «soňky akylyň» netijesi. Türkmen ýigitleri hemişe gany gyzgyn, dyzmaç edip suratlandyrylýar. Munuň sebäbini diňe gündogaryň halklaryna mahsus gyzmaçlyga syrykdyrman, dawa-jenjeliň nämäniň üstünde gidýändigine-de üns bermeli. Töwerekdäki güýçli döwletleriň häli-şindi basybalyjylykly, talaňçylykly çozuşlaryna uçran dagynyk türkmen taýpalarynyň söweşi dogduk mekan, ar-namys ugrunda bolupdyr. Är ýigitler wah diýmän şirin janlaryny gurban edipdir. Şeýde-de bolsa, özbege aýtdyrylýan sözüň jany ýok däl. Meseläni, dawany paýhasa gol ýapyp, töwerekleýin çözmegiň endigi döwleti dolandyrmagyň tejribesi arkaly gazanylýar. Bir döwlete birleşip, ony dolandyrmak halkyň millet hökmünde kemala gelmeginde, kämilleşmeginde iň zerur mekdepdir.